# «Pygamberiñ özi gelip, öwüt berse…»

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Pygamberiñ özi gelip, öwüt berse…" «PYGAMBERIÑ ÖZI GELIP, ÖWÜT BERSE…»

Bir gün Harunerreşit Bohluldan:
– Meniñ ahyretimi nähili görýärsiñ? – diýip soraýar. Bohlul:
– Kyýamatda öz ornuñy şundan bilersiñ diýip, Gurhandan aşaky aýary okaýar: **«Innel-ebrare lefi: na'y:min. We innel-fujja-re lefi: jahy:m»**(*82-nji süre, 13-14-nji aýatlar*) **(«Her halda ýagşy adamlar nygmatdadyrlar we pyssy-pyjurlyk edýänler jähennemde»)**. Harun:
– Onda meniñ Hudaýyñ Resuly bilen garyndaşlygym nähili bolar – diýýär. Bohlul ýene-de Gurhandan aşaky aýaty getirip jogap berýär:
**– «Fe izä: nofihe fis-su:r-e fela ensa:be beýnehom…» («Sur çalnanda aralarynda garyndaşlyk galmaz»),** ýagny kyýamat gününde haçan-da, Allatagalanyñ rugsady bilen Ysrafyl suruny çalanda, hiç hili garyndaşlyk arada bolmaýar we seniñ pygamber bilen garyndaş bolmagyñ, haýyr iş eden bolmasañ, saña hiç hili peýdasy bolmaz – diýýär. Şonda halyf:
– Beýle bolsa, pygamberiñ şepagaty nirä gider? – diýýär. Bohlul:
– Pygamberiñ öwladyna (perzentlerine) zulum we sütem eden adam onuñ şepagatyndan mahrumdyr – diýip jogap berýär. Harun:
– Menden pygamberiñ öwladyna näme zulum ýetipdir? – diýýär. Bohlul:
– Mundan beter zulum bolarmy, sen Hudaýyñ Resulynyñ jiger parasy Musa ibn Japary hiç hili günäsi ýok ýerden zyndana atdyñ – diýýär.
Harun bu sözleri eşidip, başyny aşak salyp, gözýaş edýär, gözýaş onuñ sakgalyny ölleýär. Şonda Harun:
– Eger men toba etsem, tobam kabul bolarmyka? Bu işim meni

azapdan halas edermikä? – diýýär. Bohlul oňa ýüzlenip:
– Ýolbaşçy bolmaklygy söýmek seni şeýle bir gapyl edipdir welin, hatda şu mahal pygamberiň özi-de gelip, saňa öwüt-nesihat etse, sen öz erbet işleriňden el çekmersiň. Meni biderek ýere mätel etme – diýip, Harunyň huzuryndan çykyp gidýär.

Pars dilinden terjime eden: Aşyrpur MEREDOW. Halk döredijiligi we rowaýatlar